# Türki döwletleriñ baştutanlarynyñ geñeşi başlady

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Türki döwletleriñ baştutanlarynyñ geñeşi başlady

TÜRKI DÖWLETLERIÑ BAŞTUTANLARYNYÑ GEÑEŞI BAŞLADY




*Ýygnanşyga gatnaşýan liderler üýşüp surata düşdüler*
Türki Döwletler Guramasynyñ (TDG) baştutanlarynyñ 9-njy ýygnanşygy Özbegistanyñ taryhy Samarkant şäherinde geçirilýär.
Özbegistanyñ prezidenti Şöwket Mirziýoýewiñ guramaçylygynda «Türk medeniýeti üçin täze döwür: Bilelikdäki ösüşe we asudalyga tarap» ady bilen Samarkantda geçirilýän TDG-nyñ döwlet ýolbaşçylarynyñ 9-njy ýygnanşygynyñ öñüsyrasynda liderler surata düşmek üçin bir ýere üýşdüler.
Türkiýäniñ prezidenti Erdogan «Müdimi şäher» kongresler merkezine gelende Mirziýoýew tarapyndan garşylandy.
Kongresler merkezinde düşülen suratda Türkiýäniñ prezidenti Erdogan, Özbegistanyñ prezidenti Mirziýoýew, Azerbaýjanyñ prezidenti Ilham Aliýew, Gazagystanyñ prezidenti Kasymjomart Tokaýew, Gyrgyzystanyñ prezidenti Sadyk Japarow bilen synçy ýurtlardan Türkmenistanyñ Milli Geñeşiniñ Halk maslahatynyñ başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, Wengriýanyñ premýer-

ministri Wiktor Orban bar.
Surata düşende Türkiýäniň prezidenti Erdoganyň sagynda Tokaýew, çepinde Mirziýoýew durdy. Liderleriň hersi öz ýurtlarynyň baýdagynyň öňünde durup surata düşdi.

«Anadolu Ajansı» habarlar gullugy.

11.11.2022 ý. Publisistika